# Gysga hekaýalar we ertekiler

**Mähriban çagalar, eziz körpeler!**
**Şu kitapçada “Zaman-Türkmenistan” gazetinde dürli ýyllarda çap edilen dünýä edebiýatyna degişli hekaýadyr ertekiler ýerleşdirilen. Bu hekaýalar siziň söz baýlygyňyzyň artmagyna, aň we zehin taýdan kämilleşmegiňize ýardam eder.**

# Tilki bilen pişik



Tokaýda ýaşaýan mekir tilki her gabat geleninde, pişijegiň üstünden gülýän eken. Günlerde bir gün tilki pişige:

– Syçan tutmaga ökdedigiňi bilýän. Hany, aýt bakaly, eliňden başga nämeler gelýär? – diýipdir.

Pişik:

– Başga ukybym ýok, ýöne agajada dyrmaşyp bilýän – diýipdir.

Pişijek tilkiniň özüni kemsidýändigine gaty gynanýan eken. Tilki bolsa, her sapar özüni öwýän eken. Bir gezek tilki:

– Men awçylykda we yz çalmakda örän ussat. Awçylardan gaçmakda hem menden öňe geçjek ýokdur – iýipdir.

Pişik ýüzüni aşak salyp:

– Sen menden beýik – diýipdir. Bu sözleri aýdýan mahaly hem pişik haýsydyr bir zatdan gorkup, daştöweregin garanjaklaýarmyşyn. Özünden göwni hoş tilkiniň muňa gahary gelip:

– Sen meni diňlemän, ýaltýult edip, eýläk-beýläk seredip dursuň – diýipdir.

Pişik:

– Men seni diňleýän, ýöne uzakdan dürli sesler gelýär. Iki tazy hemde bir atly bäri gelýän ýalyla – diýipdir.

Tilki:

– Meniň pikirimçe sen düýşürgeýäň öýdýän diýip, ýene özüni öwüp başlapdyr. Görse, pişik ýenede gorky bilen daştöweregine seredýärmişin. – Sen meni diňläňok, beýlede gorkaklyk bolarmy? – diýipdir.

Pişik:

– Sen hiç zat eşideňokmy? Bu awçylaryň sesi – diýipdirde, bir towsanda gapdalyndaky agaja dyrmaşypdyr. Şol barmana iki sany äpet it tilkä tarap ylgap gelýärmişin. Tilki gorkusyna gaçjak bolanynda, büdräp ýykylypdyr. Galyp gaýtadan gaçyp başlanynda, ýene iki sany it peýda bolupdyr. Itler agaja dyrmaşan pişigede üýrýärmişin. Emma, itleriň ýanyna gelip bilmejekdigini bilýän pişik, arkaýyn otyrmyşyn. Ol agajyň şahasynda oturan ýerinden:

– Hany hälki aýdan ukyplaryňy, indem, görkez bakaly – diýip gygyrypdyr. Mekir tilki bolsa, ulumsylyk edip ýalňyşandygyna puşman edipdir.

**“Özüni öweniň tanapy çüýrük” (nakyl).**



# Gedem garga

Birwagtlar bir gedem garga ýaşapdyr. Ol özi ýaly beýleki gargalara göwnüýetmezçilik edip, hondanbärsi bolup ýörşüne ahyry olardan arany açypdyr. Günlerde bir gün ýaňky gedem garga tawuslardan gaçyp galan owadan ýelekleri çöpläp, olary öz ýelekleriniň arasyna dakypdyr. Soňra ol näz edip, tawuslaryň arasyna barypdyr. Olar dessine onuň gargadygyny aňyp, ýerli-ýerden çokupdyrlar-da, tüýt-müýt edip, kowup goýberipdirler. Men-menlik eden ýaňky garga eleşan we lapykeç halda gargalaryň ýanyna gelipdir. Emma olar özlerini taşlap giden gedem gargany pisint etmändirler. Gargalaryň biri oňa garap:

– Gardaş, tawus guşuň ýelegi bilen gözel bolup bilmersiň. Özüňe mahsus bolan zada äsgermezçilik etmän mertebäňi saklan bolsaň, saňa beýle erbet daramazdylar – diýip, onuň ýanyndan garasyny saýlapdyr.

# Aldanan möjek

Şahjagazlary ýaňy çykyp ugran owlajyk indi özüni gorap biljegine çyny bilen ynanýardy. Günleriň bir güni agşamara süri örüden gaýdyp başlanda, owlajygyň enesi çekräp, ony ýanyna çagyrýar. Owlajyk bolsa, enesiniň sesine pitiwa hem etmän, otlamagyny dowam etdirýär. Az wagtdan soň, owlajyk başyny galdyryp seretse, süri eýýäm gözden gaýyp bolan eken. Ine şeýdip, onuň ýeke özi düzde galypdyr. Gün bolsa, ýaňy batyp barýan eken. Birdenem, onuň gabat garşysynda uzyn kölege peýda bolupdyr. Pessaýja öwüsýän salkyn şemal özi bilen otlaryň şygyrdaýan sesini hem alyp gelýär. Owlajyk bu şygyrdynyň eýmenç möjegiňkidigini aňyp, sandyrap ugraýar. Ol derrew giň meýdanda enesiniň gözlegine çykyp, zaryn mäläp başlaýar. Birdenem, onuň gözleri alkymynda duran möjege kaklyşýar. Owlak çykalgasyz ýagdaýda galanyny bilse-de, umydyny ýitirmeýär we möjege garap:



– Möjek aga, meni häziriň özünde bokurdakdan geçirjegiňi anyk bilýän, ýöne iýmeziňden öň ýekeje haýyşym bar. Şony bitiräýseň – diýipdir.

– Hany, aýt bakaly, bitirer ýaly bolsa, bitiräýeris – diýip, möjek loh-loh edip gülýär. Owlajyk delmirip:

– Hoş owazyň bilen aýdyma hiňlenip berseň, menem soňky sapar tans edip, şatlansam – diýipdir.

Teklibi hondanbärsi bolup, gedemlik bilen makullan möjek şam naharyndan öň biraz aýdyma hiňlenenini kemem görmändir. Şeýdip, ol aýdyma zowladyp ugrapdyr, owlajyk bolsa bökjekläp, tans edipdir. Garaňky eýýäm gatlyşypdy.

Agşamyň ümüş-tamşynda möjegiň uwwuldysy arany ep-esli açan sürä hem baryp ýetýär. Çopanyň itleri möjegiň sesine gulaklaryny üýşerdipdirler. Olar munuň möjek şadyhorramlygydygyny dessine aňyp, şol tarapa eňipdirler. Az salymdan möjegiň barha güýjeýän uwwuldysy tapba kesilýär. Owlajygy taşlap, ýazzyny beren möjek, onuň soňky haýyşyny bitirmek üçin eden söwdasynyň özüni aç goýandygyna ahmyr edýär. Şondan soňra ol bu jelegaýlarda gaýdyp gara bermändir.

**Hiç bir zadyň seni maksadyňa ýetmekden saklamagyna ýol berme!**

# Husydyň tyllalary

Giň howluly jaýda ýaşaýan husyt garry tyllalaryny howlusyndaky agajyň düýbüne gömüp, üstüne ullakan daş goýýan eken. Ol her gün ýatmazyndan öň, tyllalaryny sanamagy endik edinipdir. Ol tyllalaryny her gün sanaýan hem bolsa, olary hiç haçan sowmaýan eken. Günlerde bir gün bir ogry gojanyň tyllalarynyň bardygyny eşidýär. Ol howlynyň bir burçunda bukulyp, garrynyň tyllalaryny nirede gizleýändigini anyklaýar. Garry hemişekisi ýaly tyllalaryny sanap, öýüne girýär. Muny görüp duran ogry gizlenen ýerinden assyrynlyk bilen çykyp, daşyň astyndaky tyllalary alyp, ol ýerden gürüm-jürüm bolýar. Ertesi agşam garry "Tyllalarymy sanaýyn" diýip daşy galdyrsa, çukur boş eken. Muny gören goja uly ili bilen aglap başlapdyr.

Onuň goňşusy bu galmagaly eşidip, daşaryk atylyp çykýar-da, ondan bolan ahwalaty soraýar. Ol tyllalaryny kimdir biriniň ogurlandygyny aýdypdyr. Goňşusy ondan:

– Sen näme üçin tyllalaryňy öýde goýmaýarsyň? Ony öýüňde goýsaň, sowjak wagtyň almak aňsat bolardy ahyryn! – diýipdir.



– O nämäň sowmagy? – diýip, goja ör gökden gelipdir.

– Men tyllalaryma degmeýärin. Ony sowmak hakda-ha asla pikirem etmändim – diýipdir. Muny eşiden goňşusy:

– Beýle bolsa, tyllalaryň ýerine bir gysym çagyl daşyny gömäý! Çünki munuň bahasy hem edil seniň ýitiren tyllalaryňka barabar – diýip, pert jogap berýär.

**Hakykatda, baýlygyň gymmaty onuň näme maksat bilen ulanylýandygyna baglydyr.**

# Bagyşlamak



Günlerde bir gün mugallym okuwçylara durmuş barada sapak alarlykly tejribe geçirip görmegi teklip edýär. Okuwçylar bu teklibi ikirjiňlenmän kabul edýärler. Mugallym:

– Diýmek, gepleşdik. Ertir ähliňiz ýanyňyz bilen bir kilogram kartoşka getiriň! – diýýär.

Okuwçylar bu ýumşa hiç hili düşünmedik bolsalar hem mugallymyň tabşyran ýumşuny ýerine ýetirýärler. Mugallym synpa gireninde okuwçylaryň hersiniň partasynyň üstünde düýnki sargydynyň taýýardygyny görýär. Mugallym olaryň bilesigeliji gözlerine mähirli seredip:

– Indi bolsa, şu güne çenli bagyşlamadyk her bir joraňyzyň ýa-da dostuňyzyň adyny bir kartoşka ýazyp torba salyň! – diýýär.

Käbir okuwça üç-dört sany kartoşka ýeterlik bolan bolsa, käbiri getiren kartoşkasynyň ählisine at ýazypdyr. Mugallym özüne bakýan soragly nazarlara seredip, tejribäniň ikinji şertini düşündirýär:

– Bir hepdäniň dowamynda bu torbalary ýanyňyzdan aýyrmaly däl, öýde, okuwda, ýolda hemişe ýanyňyzda bolmaly.

Aradan bir hepde geçýär. Mugallym synpa giren badyna, ýumşy birkemsiz ýerine ýetiren okuwçylar ýerli-ýerden närazylyklaryny aýdyp başlaýarlar:

“Mugallym, bu torbany hemme ýere alyp gitmek örän kyn" diýýäni haýsy, “Kartoşkalar çüýräp başlady” diýýäni haýsy. Mugallym okuwçylaryna ýylgyryp, şeýle ündew beripdir:

– Görşüňiz ýaly, biz başgalary bagyşlaman, aslynda özümizi jezalandyrýarys.

Ruhumyzda agyr ýük götermäge mejbur bolýarys. Bagyşlamaga garşymyzdaky adama eglişik etmek diýip düşünýäris. Bagyşlamak, ilki bilen, özümize edýän ýag- şylygymyzdyr.

**Öýke – duşmanyň, akyl – dostuň.**

# Iki nyşan

Günlerde bir gün bir goja agtygy bilen külbesiniň öňünde basalaşýan itlerine syn edip otyrdy. Gojanyň agtygy 11-12 ýaşlaryndady. Ol özüni bileli bäri atasynyň itleriniň urşuna syn edýärdi. Goja iki itine hem oňat ideg edýärdi, olary ýanyndan aýranokdy. Günlerde bir gün oglanjyk külbäni goramak üçin bir itiň ýeterlikdigi barada pikir ýöredýär hem-de atasyndan näme üçin olaryň ak we gara reňkdedigini soraýar. Goja agtyjagynyň bilesigeliji gözlerine mähirli seredip, şeýle jogap berýär:

– Olar meniň üçin haýryň we şeriň alamatlary. Olary synladygymça gowulygyň we erbetligiň hem edil şolar ýaly, mydama gapma-garşylykda bolýandygy hakda pikir edýärin. Şol sebäpli olary hemişe ýanymda saklaýaryn.

Oglanjyk öz ýanyndan bäsdeşlik bar ýerinde ýeňiji hem bolaýmaly diýip pikir edip, atasyna: “Siziň pikiriňizçe bu basdaşlykda olaryň haýsysy ýeňiş gazanar?!” – diýip ýüzlenýär.

– Men olaryň haýsysyna has gowy ideg etsem, şol beýlekisinden üstün çykar – diýip, goja jogap berýär.



# Kiçijik leňňeç



Uly leňňeç kiçi leňňeje seredip:

– Näme üçin gapdallygyna ýöräp gelýäň? Aýaklaryň arasyny giňräk aç-da, gönüje ýöresene – diýip igenýär.

Kiçijik leňňeç sandyr-sandyr edip:

– Onda maňa nähili ýöremelidigini öwredäý-dä. Meniň hem öwrenesim gelýär – diýip, zarynlaýar.

Uly leňňeç dogry ýöremek üçin birnäçe gezek synanyşýar. Emma ol hem edil beýleki leňňeç ýaly diňe ýanyn ýöremeli bolýar. Onuň dogry ýöremek üçin eden synanyşyklarynyň bary şowsuz tamamlanýar.

Ol çyny bilen öňe ýöremäge hernäçe synanyşan hem bolsa, bat bilen gysgyjynyň üstüne ýykylýar.

**Eger-de özüňiz görelde**
**bolup bilmeýän bolsaňyz,**
**onda başgalara akyl öwretmäň!**

# Iň gowy bugdaý

Her ýylda geçirilýän “Iň gowy bugdaý” bäsleşiginde ýene-de şol bir daýhan ýeňiji bolupdyr. Daýhandan beýle gowy hasyl almagyň syryny sorapdyrlar. Daýhan:

– Munuň syry özümdäki gowy bugdaý tohumyny goňşularym bilen paýlaşmakda – diýipdir. Muňa haýran galan adamlar:



– Öz bugdaý tohumyňyzy her ýaryşda siziň bäsdeşiňiz boljak goňşularyňyza berýäňizmi? – diýip sorapdyrlar. Daýhan:

– Elbetde – diýip jogap beripdir. Bu sözleri diňläp duran mähelläniň bilesigelijiligi has hem artypdyr. Olar daýhanyň ýüzüne soragly nazarlaryny dikipdirler. Daýhan:

– Siziň bilmeýän bir zadyňyz bar. Bugdaý maýsalary şemala ygşyldaşyp, bir-birleri bilen tozanlanýarlar. Şemal goňşy atyzdaky bugdaýlaryň tozgalaryny meniň ekin meýdanyma alyp gelýär. Ekinden gowy hasyl almak üçin olaryň gowy ekin bilen tozanlanmagy gerek. Goňşymyň ekini ýaramaz bolsa, men hem gowy hasyl alyp bilmerin. Şol sebäpli goňşularymyň gowy hasyl almagyna men hem kömek edýärin – diýipdir.

**Ýagşynyň ýagşa ýeter hümmeti,**
**Ýamanyň ýagşa ýeter minneti.**

# UGURTAPYJY DAÝHAN

*(Gruzin ertekisi)*



Ir zamanlarda örän janypkeş, akylly we ugurtapyjy daýhan ýaşapdyr. Ol daýhançylykdan başga-da, towukdyr beýleki öý guşlaryny hem saklaýan eken. Onuň öý guşlarynyň sany şeýle bir köpelipdir welin, daýhanyň mes pişigi içi byjyklap, jüýjeleri kowalap ugrapdyr.

Günleriň bir güni obadan ep-esli daşlykda, güneşläp ýatan ýaňky pişigiň ýanyna bir gaplaň gelýär. Ömründe pişige gabat gelmedik gaplaň ony görüp, gaty geň galýar:

– Özüň-ä ýalňyşmasam, biziň kowmumyzdan bolmaly. Ýöne näme üçindir, gaty kiçi görünýäň? Nädip beýle ýagdaýa düşüp ýörsüň? Kim seni beýle horlaýar?

Pişik gaplaňy mazalyja oýnamagy ýüregine düwýär:

– Wah, gardaş, sen sorama, men aýtmaýyn. Meniň gören görgülerimi görseň gözüň agarar. Men çagakam hojaýynymyň eline düşdüm. Ol meni aç saklansoň, boý alyp bilmän, şo durşuma galyberdim. Ýogsam, meniň ýaşym seniňkiden uly bolmasa, kiçi däldir.

Gaplaň pişigiň düşen halyna gaty gynanyp, oňa kömek etmegi ýüregine düwýär.

– Bäh, seň ol diýýän adamyňy heý görüp bolmazmy? Özümjik oň bilen ýüzleşmesem boljak däl.

Pişik oňa daýhanyň ekin ekip ýören ýerini salgy berýär.

Gaplaň bärden baranda daýhan öküzi bilen ýer sürüp ýören eken. Muny görüp gaplaň öz ýanyndan: “Bäh, ýaňkyň aýdyşy ýaly hem bar eken-ow, ullakan öküzi kösäp ýörşüni gör-ä oň” diýip içini hümledýär. Ol gazap bilen daýhana ýüzlenýär:

– Eý, daýhan, sen näme üçin meniň kowumdaşymy kösäp ýörsüň! Beýder ýaly onuň näme etmişi bar? Men senden onuň aryny almaga geldim.

Gaplaňyň niýetini ýamana düwendigine göz ýetiren daýhan:

– Bolýar onda – diýip, perwaýsyz jogap berýär. – Ýöne men güýjümi öýde goýup gaýtdym, şony getirýänçäm garaşmaly bolarsyň!

– Bolýar – diýip, gaplaň razylaşýar.

– Gelýänçäm gaçyp gitmezligiň üçin, seni şu agaja baglap goýaýyn. Ýogsam köpler garpyşjak diýýärler-de, aňyrdan gelýärkäm güýjümi görüp ýazzyny bermek bilen bolýar.

Gaplaň muňa-da razylaşýar. Daýhan ony agaja daňyp gidýär. Ol golaý-goltumdan ullakan bir töňňäni alyp gelýär-de, daňylgy duran gaplaňyň depesinden inderip başlaýar. Gaplaň halys ysgyndan gaçyp, lüti çykansoň daýhan:

– Indi gaýdyp özüňe dahylly bolmadyk işe, änigine-şänigine ýetmän, burnuňy sokujy bolaýmagyn, bu iýen taýagyňam galan ömrüňde saňa sapak bolsun – diýip, urlup tar-mar bolan gaplaňy boşadyp goýberýär.

Sütüni süýnen gaplaň süýrenip barýarka hälki pişige gabat gelýär. Ony görüp gaplaň naýynjar gürleýär:

– Sen dogrudan hem, biziň kowmumyzdan ekeniň, kiçiligiňden şeýle adamyň eline düşübem, bolmanda şu derejä çenli ösüp bilipsiň.